Internet sahypa üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

## *a/ATLARYŇ ÝOŇKEME BILEN ÜÝTGEÝŞI*

**37-nji gönükme.** Atlary okaň we olara nähili gosulmalaryň goşulandygyny aýdyň.

1. Meniň at+ym, el+im, guş+um, gül+üm, jigi+m.

2. Seniň at+yň, el+iň, guş+uň, gul+uň, jigi+ň.

3. Onuň at+y, el+i, gus+y, gül+i, jigi+si.

1. Biziň at+ymyz, el+imiz, guş+umyz, gül+ümiz, jigi+miz.

2. Siziň at+yňyz, el+iňiz, *güş+üňyz,* gül+ üňiz, jigi+ňiz.

3. Olaryň at+y, el+i, guş+y, gül+i, jigi+si.

Atlar lıaýsy ýöňkemeler bilen üýtgeýärler?

Atlaryň birligi we köplügi üçin ulanylýan ýöňkeme goşulmalaryny aýdyň we 2-3 sany at sözüni ýöňkemeler bilen üýtgediň.

* * * *

**38-nji gönükme.** Aşakdakylary göçüriň. Bularyň soňundaky **e** sesiniň menlik we senlik ýöňkemelerinde **ä** sesine geçişine üns beriň.

| Ýönkemeler | Birligi | Köplügi |
|---|---|---|
| Menlik | çüýşäm, igäm | çüýşämiz, igämiz |
| Senlik | çüýşaň, igäň | çüýşäňiz, igäňiz |
| Olluk | çüýşesi, igesi | çüýşesi, igesi |

**39-njy gönükme.** Göçüriň we bu hili atlaryň soňundaky **y,i** harplarynyň olluk ýöňkemede **u, ü** harplaryna geçişine üns beriň.

| *Ýönkemeler* | *Birligi* | *Köplügi* |
|---|---|---|
| Menlik | goşgym, pökgim | goşgymyz, pökgimiz |
| Senlik | goşgyň, pökgiň | goşgyňyz, pökgiňiz |
| Olluk | goşgusy, pökgüsı | goşgusy, pökgüsi |

**40-nji gönükme.** Okaň. Has gara ýazylan atlaryň asyl sözün we ýöňkeme goşulmalaryny aýdyp beriň,

1. Meniň gyzykly **kitabym** bar. Seniň nähili gyzykly **kitaplaryň** bar? Merediň **kitaby** sendemi?

Turkmenkultur.com

2. Biziň **obamyz** säheriň golaýynda. Siziň **obanyz** nirede? Siziň **dostuňyz** kim? Biziň **dostumyz** körpeler.

3. Hally mergeniň agtygy oňat okaýar. Aşgabat şaheriniň giň **köçeleri** bar. Siziň **şäheriňiz** owadanmy?

* * * *

**41-nji gönükme.** Göçüriň. Nokatlaryň ýerine degişli ýöňkeme goşulmalaryny ýazyň.

1.Seniň dostlar... tomus nirede dynç aldylar? Meniň dostlar... tomus Pöwrizede dynç aldylar.

2. Biziň oba... ýyl-ýyldan gözelleşýär.

3. Seniň dogan... nirede işleýär? Meniň dogan... zawodda işleýär. Zawodyň işçiler... köpmi?

4. Biziň mugallym... orden bilen sylaglandy.

5. Siziň galam... barmy?

Turkmenkultur.com